Gerçeknazar Amannazarow

# Peýdaly bloglar

## (internet)

2021
Türkmenistan



**Geliň türkmen dilinde elektron kitaplarymyzy köpeldeliň.**

Salam hormatly saýt agzalary we okyjylary ! Bu blogy ýazmagymyň sebäbi özümi ýa-da haýsydyr bir zady reklama etmek däl. Bu blogy ýazmagymyň esasy maksady türkmen dilinde elektron kitaplary köpeltmek.

Turuz.com saýtyna girip gördüňizmi? Indi vpn ly girip bolyar . Şonda-da vpn işleýän wagty girip görüň ökünmersiňiz. Näme bardyr öýdýäňiz ol saýtda . ELEKTRON KITAPLAR . Maşallah ol saýtdaky kitaplary göräýdä dili başgada bolsa alasyň gelip içiň gyjyklap durda özem mugt.

Teklibim geliň şeýle saýdyň ýagny kitaphana.net saýtyny ösdüreliň. Içi elektron kitapdan dolup dursun. Halkymyz ondan mugt peýdalansyn. Her kim azajyk goşant goşsa bolar Enşalla. Şu saýtdakylaryň köpüsi tüweleme ýazyjy-şahyrlar . Hormatly galamdaşlar! Siz öz ýazan goşgylarňyzy , hekaýalarňyzy we ş.m eserleriňizi bir ýere jemläp elektron kitap görnüşinde ýazyp beýlekiler bilen paýlaşyp bilersiňiz . Diňe goşgy ýa-da hekaýa däl öz halaýan mowzuklaryňyzy hem elektron kitap görnüşinde ýazyp bilersiňiz . Elbetde elektron kitaplary ýazyp bilýänler araňyzda juda kän . Eger elektron kitap ýazyp bilmeýän bolsaňyz . e-kitap ýazmagyň iň aňsat usulyny öwretmekçi . Indi internediň ösen zamanasynda elektron kitaplary ýazmak örän aňsat. Özem vpn-syz mugt telefondan hatda internetsiz elektron kitap ýazyp bolýar. Onuň üçin :

1. Google play marketden “ Microsoft Office “ pragrammasyny ýüklemeli.

2. Microsoft office pragramma girmeli .

3. Goşmak + basmaly

4.” Word,excel, power point “ girmeli.

5.” Blank dokument “ basmaly.

6. Ýazgyňy ýazyp ✔ basmaly .Pdf formata geçirmek üçin dikligine üç nokadyň üstüne basyp (internedi açyp) “Share as PDF “ basmaly .

Berekella eýýäm siz word formatda elektron kitap ýazmagy öwrendiňiz. Görşümiz ýaly elektron kitap ýazmak örän aňsat. Galan zatlaram şeýdip ýuwaş-ýuwaşdan öwrenenibermeli.

Indi ýazan elektron kitaplary nirede goýup beýlekiler bilen nädip paýlaşmaly?

Men size elektron kitaplary paýlaşmagyň üç ýolyny salgy bermekçi.

1. Google drive

Google drive arkaly siz öz suratlaryňyzy aýdymlaryňyzy, elektron kitaplarymyzy,pragrammalaryňyzy ynamly ýerde saklap şol faýllaryňyzy beýlekiler bilen paýlaşyp bilersiňiz . Giňişleýin maglumat okamak üçin aşakdaky salga giriň.

https://bloglar.ru/news/589-google-drive-surat-a-dym-programma-e-kitap-klemek-we-pa-la-mak.html

2. Kitaphana.net 91.bega@gmail.com elektron poçta ugratsaňyz biz siziň elektron kitaplaryňyzy kitaphana.net saýtynda goýup bereris.

3. Bloglar.ru

Gerceknazar96@gmail.com elektron poçta ugratsaňyz biz siziň elektron kitaplaryňyzy bloglar.ru saýtynda goýup bereris. Habarlaşmak üçin tel nom +993 65 22 89 52 (imodan hem ugradyp bilersiňiz)

Ine bar ýazjaklarym şulardan ybaratdyr . Üns bilen soňuna çenli okanyňyz üçin sag boluň .

Hormatlamak bilen : Gerçeknazar Amannazarow .

**IMO-dan pul gazanmak?!**

Imo-dan pul gazanmak?! Mümkinmi diýen soraglara, arkaýyn hawa diýip jogap bermek mümkin!

Bu blog-da men sizde nädip IMO-dan pul gazanmagy we gazanmagyň ýollaryny, iň gowysyny görkezip geşjek… Diýmek başladyk...

Ilki bilen IMO barada aýtsam, häzirki wagtda Türkmenistanda işleýän ýekeje habarlaşy messinjeri. Häzirlikçe IMO ýaly sosýal ulgam bizde ýok, barlary hem hökümet tarapyndan çäklendirmeler goýulan. Indi IMO Türkmenistandan giryänleriň sany gaty kän, bilýän bolsaňyz bir etrabyň özünde müňläp ulanyjy ulanýar!

Indi esasy tema, IMO-dan pul gazanyp bolýar! Onuň, ak we gara tarapy bar, ýagny halal we ýalançylyk(moşenniklik) bilen gazanmak mümkin.!

Halal gazanç usullar:

1. IMO akkaunt açyp

2. Tanyşlyk BIG topar açyp

3. Dürli hyzmatlarňyzy reklama edip

Ýalançylyk gazanç usullar:

1. IMO akkaundyňyzda ýalan reklamalary etmek

2. Adamlary aldamak

3. Ýalan tölegli hyzmatlary hödürlemek

Halal gazanç usulunda, IMO hasap(akkaunt) açyp pul gazanmak has amatly!

Ýagny siziň Istoriýa(Hekaýalar) yzarlaýjylarňyz, okyjylaryň kän we günlik görülmeler sany 1000-5000 ýetýän bolsa, siziň saýlan ugruňyz(imo akkaundyň ugry) talaplara laýyk gelýän reklama berijiler kän bolsa, her gün 3 sany hekaýadan soň 1 sany reklama paýlaşsaňyz siziň jübiňize peýdasy bolar.

IMO hasap açyp pul gazanmakçy bolsaňyz, belli bir ugry saýlaň we hekaýalarda belli bir ugra degişli postlary paýlaşyň! Bu size geljek reklama berijileri kesgitläp biler! Häzirki wagtda IMO hasap açmagyň iň gowy ugry, prikol suratlar, degişmeler, dana sözler, täzelikler ýaly ugrlarda sizde reklama berijiler kän bolup biler! Sebäbi bu ugrlarda okyjylar kän, 7-ýaşdan 70-ýaşy özüne çekip biljek ugrlardyr!

Umuman aýdanymyzda IMO-dan reklama arkaly pul gazanyp bilýäňiz! Isle şahsy hyzmatlarňyzy, isle başkanyň hyzmatlaryny belli bir pul möçberine derek… pul gazanmagyňyz mümkin!

Ýalançylyk, usuly haka gysgaça aýtsam, edil ýokardaky ýaly, ýagny 1000-5000 ýetýän adamlary toplap, ýalan reklama edip hem pul gazanyp bolar.!

Meselem: Imo kodsyz girmegi öwretýäs, eýle beýle, diýip sizden pul alyp, yzyna pulyňyzy oklap bermezler we size olar ýaly ýalan hyzmaty öwredip bilmezler, sebäbi IMO tassyklama kodsyz girmek, asla mümkin däl. Käbir wideolardaky reklamalara ynanmaň, olar, bir girilen IMO hasapdan girýärler, ýagny IMO-nyň şahsy keşlenme gutysy serwerde saklanýar, eger-de öň tassyklama girizilen bolsa, IMO şol telefonyň modelini ýadynda saklaýar we ikinji gezek giriş edilende, kodsyz giriş etmek(amatly) mümkinçiligini berýär!

Ýalan zatlara ynanmaň we ýalanlara bulaşmaň! Ýokarymyzda ýeke ýaradan ALLAMYZ bar, hemme kim edeni üçin jogaplama alarlar!

Işiňizde we IMO-da täzeje açyljak akkauntlara, big tanyşlyk toparlara üstünlik arzuw etýärin!

Awtor: Pälwan Akmyradow(ZET-PRO2003)

**Gmail poçta gitmeýär , gelmeýär näme etmeli ?**

“Android” jübi telefonynda gurlan poçta salgysyny aýyrmak üçin aşakdaky ädimleri ýerine ýetirip bilersiňiz. Islendik mesele ýüze çyksa, ätiýaçlyk nusgasyny alyp, enjamy zawod sazlamalaryna gaýtaryp bilersiňiz.

1. Sazlamalar (Настройка) girmeli

2. Hasaplar bölüminden e-poçta diýilýän bölüme girip, Hasap sazlamalary bölümindäki poçta salgysyna basyp we aşaky hasaby aýyrmak opsiýasyndan bar bolan kesgitlenen poçta salgysyny aýyryp bilersiňiz

Taýýarlan: Gerçeknazar Amannazarow

**Добавить  текст (Suratyň ýüzüne hat ýazýan pragramma)**

Salam bloglar.ru saýtynyň hormatly agzalary we myhmanlary ! Bu günki blogymda size suratyň ýüzüne hat ýazmany öwretmekçi. Munuň üçin “Добавить текст “ programmasy gerek bolýar. Pragrammany aşakdaky salga girip google play store -den ýükläp bilersiňiz .(göwrimi 9 mg)

https://play.google.com/store/apps/details?id=com.nand.addtext

Nädip ulanmaly?

Pragrammadan peýdalanmak üçin

1.Pragramma girmeli

2.Hat ýazjak suratyňy saýlamaly.

3.”Добавить текст “ basmaly.

4. Hatyňy ýazmaly.

5. Soňra şol ýazan hatyň üstüne basyp hatyňy isleýşiňe görä sazlap ,ýokarky sag burçdaky → düwmesine basmaly.

6.”Сохранить фото “ basmaly

7. Suratyň adyny ýazyp , formatyny (jpeg ,png ,webP) saýlap качества -syny (meselem 100%) ýazyp “Сохранить “ basmaly .

GUTLAÝAS indi siz suratyň ýüzüne ýazgy ýazmany öwrendiňiz.

Taýýarlan : Gerçeknazar Amannazarow



**Clipboard history (kopýa eden ýazgylaryňy ýatda saklaýan pragramma)**

Salam bloglar.ru saýtynyň bu blogynda men size kopýa eden ýazgylaryňy ýatda saklaýan pragramma barada maglumat bermekçi.

Nädip kopýa etmeli?

Halaýan blogyňy kopýa etmek üçin :

1. Ýazgynyň üstüne basyp saklamaly
2. “Копировать “ basmaly

Ýazgylaryň hemmesini kopýa etmek üçin :

1. Ýazgynyň üstüne basyp saklamaly
2. → düwmesine girip “Выбрать все” basmaly .
3. ”Копировать “ basmaly .

Ine şu usul bilen ýazgylary kopýa edip paýlaşyp bilersiňiz . Ýazgylary kopýa edip paýlaşmak barada aşakdaky blogda giňişleýin ýazdym.

Clipboard history pragrammasyny aşakdaky salga girip google play marketden ýükläp bilersiňiz .

Nädip ulanmaly?

Köpümiziň bilşimiz ýaly ençeme klawiaturalar 20 sany kopýany ýatda saklap bilýär . Ýöne bu pragramma ähli kopýa eden ýazgylaryňy öz ýadynda saklap bilýär .Pragrammadan peýdalanmak üçin :

1. Ýazgynyň üstüne basyp saklamaly

2. “Копировать “ basmaly

3.Soňra telefonymyzy ýokardan aşak syranymyzda ähli kopýa eden ýazgylarmyzy göreris şol ýerden haýsy kopýa eden ýazgyň gerek bolsa alyp goýybermeli.

Taýýarlan : Gerçeknazar Amannazarow .



In gowy 5 sany bulut serwerler

Internet ulanyjylaryna birnäçe aňsatlyk we tehniki ýetmezçilikleri ýeňip geçjek Bulut Saklama Serwisleri (Cloud Storage Services) 2011-nji ýylda durmuşymyza girdi. Bulut Saklama Serwisi (BSS) ýada Bulut Paýlaşma Serwisi (BPS) näme? Komýuter we tehnologiýa bilen meşgullanýanlar esasanam Windows ulanýanlar has gowy bilýändir, Operasiýon Sistema (Operating System – Mes: Windows) çöken wagty içinde birnäçe gerekli dokumentlerimiz hem ýitýär. Käbirlerini yzyna getirip bolsada köplenç begendiriji netije alyp bilemizok. Edil şu ýagdaý Gaty Diskde (Harddisk) näsazlyk dörän wagtynda hem ýüze çykyp bilýär. BSS Tehnologiýasy bu problemalara çözgüt tapmak üçin döredildi. Has takygy orta derejedäki kompýuter ulanyjylary üçin diňe şu problemaň çözgüdinde ulanyp bileris. Ýogsam başgada CDN, Cloud Music ýaly hyzmatlary hem bar. BSS-niň berýän saklama ýatlarynyň kömegi bilen ýitmesinden, pozulmasyndan gorkýan dokumentleriňizi ýada faýllaryňyzy internetde saklap gerek wagty kompýuteriňizden, telefonyňyzdan ýada planşediňizden açyp ulanyp, paýlaşyp bilersiňiz. Gepi köpeldip oturman ýuwaşlyk bilen temamyza geçibereli. Ilki bilen bu temany düşündiriş dilimde kemçilikler bar bolsa öňünden ötünç sorayaryn. Bugünki BSS ler üçin beriljek maglumatlar soňky ýyllarda üýtgäp biler, maksadymyz diňe umumy düşünjäni döretmek. Başlabereliň...

Google Drive

Internet diýilende ilki bilen agzap geçmeli kommpaniýamyz elbetde Google. GoogleDriveda mugt saklama ýady 5GB. Bu ýat az diýseňiz elbetde Googleda çözgüt gutaranok, 25GB ýat aýda 2.49$, 100GB ýat bolsa 4.99$. Bulardan başgada maksimum faýl ululygy 10GB bellenen. Ýagny mysal bilen aýdylanda 10GB ululygy bolan BlueRay kinosyny bölekleмän saklap bolýar. Bularyn ýanynda Mac, Windows, Android, iPhone, iPad programmalary bilen giňiş meýdançada at oýnadyp bolýar. Bu serwisden peýdalanmak üçin Gmail hasabyňyz bolmaly.

Dropbox

Bulut Paýlaşma Serwisleri arasyda ady belli firma bolan Dropbox, Mugt 2GB ýat bermesi bilen beýlekilerden yzda ýaly görünsede 3.part programmalar bilen birleşmesi (Integration), dostlaryňyz bilen aňsat faýl paýlaşmalary we aňsat ulanylmasy bilen saýlanýar. Bu 2GB mugt ýady içinde berýän käbir kiçi düzetmeler bilen 50GB çenli çykaryp bolýar. Edil meniň hasabymda şuwagt 54GB mugt ýat bar Windows, Linux, Mac, iOS, Android, Blackberry ýaly Operasiýon Sistemalarda işleýär. Meniň özüm bu serwisi maslahat berýärin  Bellik: Eger maňa bu ýat ýetenok has köp gerek diýseňiz 100GB ýady 19.99$ satyn alyp bilersiňiz.

Box

Şahsy ulanyjylaryň ýanynda biznes ulanyjylarynda tejribeli bolan bu serwis hem beýlekilerden tapawudy bolmaýan Mugt 5GB ýat berýär. Faýl ululygy mugt ulanyjylar üçin 25MB, satyn alynan serwisi üçin 100MB. Mac, Windows, Android, Blackberry, iOS programmalaryndan ulanyp bolýar. 25GB ýat almak üçin aýlyk 9.99$

SkyDrive

Microsoftyň BSS-i SkyDrive dünýäde köp ulanylýanlar arasynda. Office programmalary bilen aňsat senkronizasiýa bolýar. 7GB mugt ýady bilen üns çekýär. Aýda 4.99$ a 100GB ýat alyp bilersiňiz. Windows Phone ulanýan bolsaňyz bu serwisi ulanmakdan başga çäre ýok diýseňem bolýar. Her kim öz tanyşy bilen işleşýär geň görmeli däl  Mac, Windows, iOS enjamlarynda ulanyp bolýar.

Yandex.Disk

Rus gözleg motory BSS-de öňde barýanlardan biri. 10GB mugt ýady bar. Ulanmasy aňsat we Yandex.Mail hyzmaty bilen bile işleýär. Yandex.Mail üçin aýratyn saklama ýeri berýär we 10GB mugt ýat üçin täsiri ýok. Ulanyjylar aňsatlyk bilen dokument, kino, surat, aýdymlary ýükläp bolýar. Aýdym ýükläniňizde öz içindäki pleýer kömegi bilen indirmän diňläp bolýar, bulary paýlaşyp bolýar. Windows, Mac, Android we iOS enjamlarynda ulanyp bolýar. Gowja serwis aý näme Ors oglanlar ýitidä ýene näme diýseňem

Netije

Ýokarda agzalyp geçilen serwisler iň köp ulanylýanlary, bulardan başgada maslahat berip biljegim birnäçe firmalar bar: iCloud, SugarSync, Amazon Cloud Drive, Open Drive, SpiderOak, Ubuntu One we şagal möjekler. Meniň maslahatym Dropbox we Yandex.Disk orta derjede ulanyjylar üçin ikisi ýeterlik bolýar.

Taýýarlan : WOLFRAM

Çeşme: dostluk.ru




**Mowzuk ýaýratmagyň iň aňsat usuly (kopy paste)**

Köpimiziň bilşimiz ýaly mowzuk ýaýratmagyň iň aňsat usuly kopýa etmekdir. Özüm mowzugy kopýa edip ýaýratmak üçin 2 sany programmadan peýdalanýan

1.Akylly türkmençe klawýaturasy

2.Clisboard History

Säbäbi

1.Akylly türkmençe klawýaturasynda türkmen dilinde aňsat mowzuk ýazyp bolýar (ýöne diňe 1 mowzugy kopýa edip bolýar ,beýleki klawýelar 20 mowzugy kopýa edip saklap bilýär.)

2.Clisboard history bolsa hemme kopýa eden mowzuklaryňy özünde saklap bilýär.

Indi esasy meselä geçeliň

1. Kopýa etjek mowzugyň üstüne basyp saklap «Копировать » basmaly

Eger mowzugyň hemmesini kopýa etjek bolsaň «Выбрать все » basyp soňra «Копировать » basmaly

2. Soňra mowzuk ýazjak ýeriňe meselem bloknoda girip klawýadaky «Sazlamalar» girmeli

3. «Gurallary gör » basmaly

4. «Giriz» basmaly

Eger başgada kopýa eden mowzuklaryňyzy ýazmak isleseňiz

1. Telefony ýokardan aşak syrmaly

2. Clisboard history girmeli

3. Kopýa etjek mowzugyňy saýlamaly

4. Soňra klawýadaky «Sazlamalar»a girmeli

5.«Gurallary gör „girmeli

6.“Giriz » basmaly

Ine şu usullar bilen mowzuklaryňyzy aňsatlyk bilen ýaýradyp bilersiňiz.

Üns bilen okanyňyz üçin sag boluň .

Taýýarlan: Gerçeknazar

Çeşme: Bloglar.ru



Chrome taryh (Chrome история )

Chrome taryh näme ?

Chrome taryh hyzmaty siz haçan ,haýsy saýtlara chrome -dan giren bolsaňyz şol giren saýtlaryňy yzygiderlilikde ýatda saklaýan hyzmat .

Hyzmatdan peýdalanmak üçin :

1.Chrome girmeli

2.Ýokardaky sag burçdaky chrome menýusyna basmaly.

3.«История „girmeli .

Ynha şu sahypadan haçan haýsy saýtlara giren bolsaňyz yzygiderlilikde görüp bolýar.



Google nädip çykmaly?

Google-da birinji sahypa çykmak.

Ilkinji sahypany almak üçin blogymda durmuşa geçiren ähli üstünlikli usullarym hakda size aýdyp bermegimi isleýärsiňizmi?

Hakykatdanam işleýän usullar?

Subut etmek isleýärsiňizmi?

Google-da mowzuk boýunça köp blog mazmunyny gözläp we mazmunymyň sanawyna birin-birin seredip bilersiňiz.

Bu gözlegleri geçireniňizde, mazmunymyň köpüsiniň (85% -den gowragy) Google-da iki sahypada, hatda käbirleriniň göni google-da birinji orunda durýandygyny görersiňiz.

# Onda muny nädip etmeli? Google-yň depesine nädip çykmaly? Elbetde, aşakdaky usullary doly durmuşa geçirmek hukugyny bermek!

>> Google ölçegleri

>> Saýtyň tizligi

>> Sahypada SEO

>> Açar söz derňewi

>> Mazmuny ýazmak

>> Öçürilen SEO

Google-da birinji sahypa girmek üçin Google-yň logikasyna düşünmek

Google-yň ýokarsyna çykmak üçin ilki bilen google-yň işleýşine düşünmek gaty peýdaly.

Bir iş üçin söhbetdeşlik geçirjek diýeliň. Söhbetdeşlikden ozal söhbetdeşlik hakda gözleg geçirmeýärsiňizmi? Öň sorag edilen adamlardan näme soradylar? Olar nämä üns berdiler? Haýsy jogap berijiler saýlandy we haýsy häsiýet saýlanmady?

Şol bir logika, google-da birinji orny eýelemäge degişlidir. Ilki bilen, Google-dan sizden garaşýan zatlaryna gaty gowy düşünmeli we google-yň ýokarsyna çykmak üçin mazmunyňyzy taýýarlaýarkaňyz, Google sizden islän zadyny bermeli.

Google mazmunyň reýtingini nädip kesgitleýär?

#Google mazmunyň reýtingini kesgitlemek üçin 200-den gowrak ölçegi gözden geçirýär.

Saýtyň tehniki infrastrukturasy

Google gözlegleriniň üstünde durmak üçin üns bermeli iň möhüm meseleleriň biri, sahypaňyzyň tehniki infrastrukturasydyr. Tehniki infrastruktura diýjek bolýan zadym, sahypaňyzyň näderejede çalt we SEO gabat gelýändigi.

200-den gowrak google reýting kriteriýasynyň arasynda tizlik şeýle bir möhümdir welin, bu 200 faktoryň iň möhüm 3 elementiniň hataryna girip bileris.

Sahypaňyzyň tizligini binanyň binýady diýip pikir edip bilersiňiz. Esasy berk bolmasa, üstünde näçe bina gursaňam, şol bina ýaşamaz.

# Saýtyň tizligi

Sahypaňyz ýeterlik çalt bolmasa, mazmunyňyzyň hili näçe ýokary bolsa-da, sahypadaky SEO näçe berk bolsa-da, açar söz derňewiňiz gaty uly bolsa-da, ähmiýeti ýok.

Şol mazmunyň Google-da birinji ýerde peýda bolmagy mümkinçiligi 0 töweregi.

Şeýlelik bilen sahypanyň tizligini nädip ýokarlandyrmaly ýa-da çalt sahypa gurmaly?

1-Birinji etapda sahypaňyzy çaltlaşdyrmak borjuňyz bar.

2-writingazgyny yzarlamak bilen sahypaňyzy optimallaşdyran bolsaňyz we sahypaňyz henizem haýal bolsa, ulanýan hosting kompaniýanyňyzyň ýeterlik çalt we ýokary hilli bolmagyna üns beriň.

3-Şeýle hem, sahypaňyzda köp surat bar bolsa, sahypany tizleşdirmek üçin CDN ulanmagy maslahat berýärin. CDN ulanyp, CDN nämedigi we ony nädip gurmalydygy barada ähli zerur maglumatlary alyp bilersiňiz.

4-Elbetde, ulanýan mowzugyňyz sahypaňyzyň tizliginde-de uly rol oýnaýar. Çalt we SEO gabat gelýän mowzugy ulanmak, sahypaňyzyň tizligine we mazmunyňyzyň Google-da ýokary bolmagy üçin uly täsir eder.

Sahypadaky SEO faktorlary

Sahypaňyzy Google-da iň ýokary derejä çykarmak üçin üns bermeli iň möhüm nokatlaryň biri On-Site SEO.

Onda bu SEO näme?

Iň gysga düşündiriş bilen; Mazmun ýazylanda, şol mazmuny google ölçeglerine laýyk ýazmak.

Google botlary her gün millionlarça sahypany gözden geçirýär we bu sahypalaryň gelýänler bilen gatnaşygyny ölçýär. Elbetde, bu synaglaryň netijesinde belli bir statistika we tejribesi bar.

# Gelýäniň nämäni görýändigini we okaýandygyny bilmek üçin ýeterlik tejribesi barlygy sebäpli, ýazylan mazmunda käbir ölçegleri gözleýär.

Google-yň isleýşi ýaly mazmun gurmak, google-yň ýokarsyna çykmak üçin uly bir mümkinçilik gazanmagy aňladýar.

Şeýlelikde, google sahypa gurmak isleýän zady näme?

Mazmunyňyzy şu makala laýyklykda taýýarlamak, google gözleglerinde ýokary derejäni almak üçin size uly goşant goşar.

Açar söz derňewi

Elbetde, Google gözleginde birinji ýer diňe tehniki bölekler däl. Tehniki bölümden başga-da, makalanyň mazmuny hem möhüm ähmiýete eýe.

# Google gözleg motorynda iň ýokarky orny eýelemek üçin makalalaryňyzy öz sözleriňiz bilen däl-de, geljekki myhmanlaryňyzyň sözleri bilen ýazmaly.

Başga bir söz bilen aýdylanda, potensial gelýänleriň google-da haýsy ýa-da haýsy termini gözleýändigi, google makalaňyz bilen potensial gelýänleriň gözleginiň arasynda baglanyşyk döredip, gözlegiň netijesinde size ýer bermegi üçin şol sözleri makalaňyza goşmaly.

Bir mowzuk hakda makala ýazmazdan ozal, gözleg geçirip, potensial gelýänleriň gözleg sözlerini öwrenmeli.

Bu ýerde SEO-da biz muny açar söz derňewi diýip atlandyrýarys. Onda google-da näçe söz gözlenýär? Bu hakda öwreneris.

Onda açar söz derňewi nähili edilýär?

Mazmuny ýazmak

Google-da birinji orunda durmak üçin üns bermeli ýene bir möhüm zat, asyl mazmunly we ýokary hilli mazmun öndürmekdir, bu hökman dublikat mazmundan uzakdyr.

# Işlemek, sahypaňyza degişli bolmadyk mazmuny çap etmek, Google-dan şol mazmuny iň ýokary derejä çykarmagyna garaşmak wagt ýitirmek bolar.

Sebäbi dublikat mazmun bilen, hiç wagt google-da ýokary derejäni alyp bilmersiňiz!

1-Şonuň üçin Google-da ýokary derejelere çykmagyň ýoly, asyl, hil we SEO gabat gelýän makalalary ýazmakdyr.

2-Şol bir wagtyň özünde, mazmunyňyza goşýan suratlaryňyzy Google-yň isleýşi ýaly goşmaly, ýagny SEO gabat gelýän şekil optimizasiýasy.

3-Makalalaryňyzyň okalýan derejesi, google-da birinji sahypada peýda boljak başga bir möhüm faktordyr.

Onda ýokary okalýan tekst nähili bolmaly?

Abzasyň uzynlygy iň köp 3 bilen 5 sözlem arasynda bolmaly.

Çyzyk aralygy şriftiň ululygyna proporsional bolmalydyr

Jümleler ýönekeý sözler bilen düzülmelidir

Writingazuw fon we tekst reňki gözleri gysmaly däldir.

4-Durnuklylyk: Bir hepdede sahypaňyzda 5 mazmun öndürseňiz we indiki hepde mazmun öndürmeseňiz, bu Google-yň gözüne hepdede 1 mazmun goýmakdan has erbetdir.

Şonuň üçin hepdede näçe mazmun öndürýändigiňiz möhüm däl. Esasy zat, hepdede bir gezek mazmun öndürseňizem, ony her hepde yzygiderli saklaýarsyňyz.

Dowamlylygyňyz, Google-da birinji sahypada peýda bolmak üçin möhüm çäre.

5-Aşakda görýän diagrammaňyzda Google reýtinginiň birinji sahypasyndaky islendik açar sözdäki iň gowy 10 sahypanyň ortaça tekst uzynlygy görkezilýär.

# Bu ýerden aljak netijäm, google-da birinji sahypa çykmak isleseňiz, uzyn mazmun ýazmaly.

Elbetde, 2000 sözüň çäginde bir sözlemde näme düşündiriljekdigini üç sözlemde düşündirjek bolma. Myhmanlaryňyzyň google reýtingini kesgitleýändigini ýadyňyzdan çykarmaň. Şonuň üçin makalalaryňyzy google robotlaryna däl-de, adamlara ýazyň.

6-Makalalaryňyzy ýazanyňyzda köp makalalaryň webini dokuň.

Nädip?

Mysal üçin, bu makalanyň meýilnamasyny 5 aý ozal «Google-da birinji sahypa gitmek» atly meýilnama düzdüm.

Bu makalanyň pikiri kelläme gelensoň, google-da ýokary orny eýelemegiň köp faktorynyň bardygyna düşündim we bu bir tor dokamak üçin ajaýyp mümkinçilikdir.

# Bu ýazgy esasy maksatly ýazgydy. Aşakdaky maksatlar ýa-da ädimler, Saýtdaky SEO, Yzyna gözlemek, Açar söz derňewi, Çalt WordPress mowzuklary, Iň oňat hosting kompaniýalary, Google reýting faktorlary, SEO laýyk gelýän makala ýazmak ýaly makalalardan ybaratdy.

Hawa, bu makalalaryň hemmesini “Google-da birinji sahypada çykmak” atly makalamy durmuşa geçirmek üçin ýeke-ýekeden ýazdym.

Men näme maksat etdim?

Elbetde, «Google-da birinji sahypa çykmak» ady bilen google-da birinji ýerde durmak. Şeýdip, maksada ýetip bilerinmi? Takyk! Mende şübhe ýok ...

Öýjükli web ýaly pikir edip bilersiňiz. Aboveokarda belläp geçen makalalarymyň hemmesi möý webiniň gyralaryny emele getirýän bolsa-da, webiň merkezi «Google-da birinji sahypadan çykmak» atly makaladyr.

Bu gyralary düzýän makalalaryň her biri öz açar sözünde google-da ilkinji 5-lige girýär. Olaryň hersine onlarça teswir berildi, gelýänleriň özara gatnaşygy we ortaça wagty gaty ýokary.

Elbetde, şeýle güýçli çeşmeler tarapyndan goldanýan «Google-da birinji sahypa gitmek» atly makalam, elbetde, google-da ilkinji orunda durar.

Google-da birinji sahypada peýda bolmak üçin hökman şeýle strategiki tor gurluşlaryny örmegi maslahat berýärin. Maňa ynanyň, bu siziň pikir edişiňizden has täsirli.

7-Bir endigi baglanyşdyrýan saýtda düzüň. Sahypadaky baglanyşyk näçe güýçli bolsa, mazmunyňyzyň arasynda berýän baglanyşyklar,

Makalanyňyz näçe güýçli bolsa we google-da ýokary derejelere çykmak mümkinçiligi şonça-da ýokary bolar.

Nädip?

Muny göz hassahanasy diýip pikir ediň; Katarakt operasiýasy bar diýeliň we lukman operasiýadan öň ýüregiňizde haýsydyr bir problemanyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak isleýär we sizi kardiologiýa iberer. Keselhanada kardiologiýa bölümi ýok bolsa näme etmeli?

Ora-da kardiologiýa bölümi bar bolsa-da, oftalmolog operasiýadan öň ýürek bilen baglanyşykly barlag üçin kardiologiýa ýüz tutmandygyny göz öňüne getiriň.

Näsagyň gözünden bu nähili bolardy? Elbetde, hünärsiz hassahana hökmünde.

Mazmunyňyz üçin hem edil şonuň ýaly. Şeýlelik bilen, “Google-da birinji sahypa gitmek” atly bir makala ýazýarsyňyz we açar söz derňewini makalaňyzda gaty gowy etmeli diýýärsiňiz, ýöne muny nädip etmelidigini düşündirýän makalaňyz ýok.

Ora-da şeýle makalaňyz bar bolsa-da, Google-da birinji sahypa gitmek üçin makalaňyzdaky açar söz derňew makalasy bilen baglanyşmaýarsyňyzmy? Bu myhmanyň gözünde nähili täsir galdyrar? Edil hassahana ýaly. Hünär däl.

# Girýänlere şeýle täsir galdyrmak, google-da şeýle täsir galdyrmagyna sebäp bolar, mazmunyňyzy google-da hünärsiz görer we google-da iň ýokarda bolmak mümkinçiligiňiz azalar.

SEO saýty

Google-da ýokary çykmak

Google-yň ýokarsynda bolmak

Google-da birinji sahypada peýda bolmak üçin ähli tehniki, kontekst we derňew bölümlerini tamamlandan soň, esasy üns bermeli ýeriňiz SEO däl.

Bu saýtdan daşary SEO näme?

# Offsite SEO diýmek bilen, alýan arka baglanyşyklaryňyzy, ýagny beýleki saýtlar tarapyndan berlen salgylanma baglanyşyklaryny göz öňünde tutýaryn. Elbetde, şuňa meňzeş bir hakykat bar;

Tehniki infrastrukturaňyz bilen ýerdäki optimizasiýany üstünlikli durmuşa geçireniňizde, söz derňewi, ýerdäki SEO, hil mazmuny, saýtdan daşardaky SEO awtomatiki ýagdaýda ýüze çykar we hatda bu meseläni çözmeli bolmaz.

Sebäbi adamlar elmydama ýokary hilli önümlere arka baglanyşyk bererler. Olar siziň bilen gürleşerler, siz hakda gürleşerler we şonuň üçin size baglanyşyk bererler.

# Elbetde, ony doly goýbermeli däl, google-da birinji sahypada görünmek üçin arka baglanyşyk işini hem etmeli. Şu wagt arka baglanyşyklary nädip almaly diýen makalam siziň üçin gowy gollanma bolar.

Netije

Google-yň birinji sahypasyna girmek üçin okan bu makala gysga bolsa-da, görşüňiz ýaly, makalada baglanyşdyran aýrylmaz temalar bilen utgaşanymda ullakan bir tor ýüze çykýar.

# Google-da birinji sahypada çykmak aňsat däl, ýöne mümkin däl.

Makalamda belläp geçen makalalarymy yzarlasaňyz we uly yhlas, sabyr we zähmet bilen birleşdireniňizde, mazmunyňyzyň köpüsiniň google-yň birinji sahypasynda boljakdygyna ynanýaryn

Taýýarlan: Gerçeknazar Amannazarow

Çeşme: wpmavi.com



Saýt tizligini ýokarlandyrmak

Salam hormatly okyjylarym!

Elbetde haýal açylýan saýtlary hiç kimem halamaýan bolsa gerek.Kim isleýär «Saýta haçan girip borka ?»diýip ýarym sagat garaşyp durmagy.Şonuň üçin saýt tizligini ýokarlandyrmaly.Saýt tizligini ýokarlandyrmak üçin türk saýtlaryna aýlanyp ençeme bloglary okadym.Şol okan zatlarymy siziň bilen paýlaşmak isledim.Indi saýt tizligini ýokarlandyrmak üçin aşakdaky düzgünleri ýerine ýetirmeli.

1.Google pagespeed insight (google sahypalaryna ) girip saýt tizligini barlamak.

2.Artykmaç widiolary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

3.Artykmaç aýdymlary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

4.Artykmaç programmalary ,e-kitaplary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

5.Artykmaç suratlary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

6.Artykmaç html,css ýaly kodlary gysgaltmak.

7.Uzyn mowzuklary sahypalara bölmek.

Indi bolsa ýokardaky düzgünleri giňişleýin agzap geçeýin.

1.Google pagespeed insight (google sahypalary) saýt tizligini barlamak

Birinji bilen maslahat berjek saýtym google pagespeed insight (google sahypalar) girip saýt tizligini barlamak .Şol saýta girip giren ýeriňe saýt url-syny (meselem facebook.com)ýazyp gözletseňiz az wagtdan saýt tizligini size görkezer 0-49 çenli kes, 50-80 ortaça, 80-100 ýokary derejede derejelendirilýär.Google aganyň mugt ýardamy bilen siz öz saýtyňyzyň tizligini ýokarlandyrmakda nämeleriň zyýan nämeleriň peýda edýändigini şol saýtda nokatma-nokat görüp bilersiňiz.Gyzyl bilen ýazylanlar saýt tizligine zyýan edýän artykmaç zatlary,ýaşyl bilen ýazylanlar saýt tizligine peýdaly zatlary agzap geçýär.Dogrusy özümem ýaňy-ýaňy şol saýda girip öwrenip başladym we sizede maslahat berýän.

2.Artykmaç widiolary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

Saýt tizliginiň ilkinji duşmany uzyn-uzyn widiolar bolsa gerek.Şonuň üçinem saýtyňyza rehim ediň biziň açýan saýtymyz youtube däl ýönekeý saýt.Başarsaňyz esasanam baş sahypada widiolary ýüklemäň.Eger zerur bolsa widio kesýän programmalardan widiolary gysgaltmak maslahat berilýär.

3.Artykmaç aýdymlary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

Widiolardan soň saýtymyzy haýallandyrýan ýene-de bir zat aýdymlar.Aýdym kesýän programmalary ulanyp aýdymlaryňyzy gysgaldyp bilersiňiz.

4.Artykmaç programmalary,e-kitaplary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

Bilýän siz şu wagt mowzugy okap «Aýryp-aýryp saýtymyzda zat goýmadyň» diýen bolsaňyz gerek. Iň esasy baş sahypada ýagny saýt ulanyjylarynyň birinji girjek ýerinde saýtyňyza agram berýän zatlary ulanmazlygy maslahat berýän.Uly göwrümli programmalar,e-kitaplar ,widiolar,aýdymlar,hatda suratlar hem saýt tizligine örän uly rol oýnaýar.

5.Artykmaç suratlary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

Gurbannazar Ezizowyň «Artykmaçlyk duşmanydyr sungatyň»diýip belleýşi ýaly artykmaçlyk diňe bir sungatyň däl artykmaçlyk köp zadyň durmany şol sanda saýtyňam duşmany.Hakykatdanam özüm saýtda barlap gördüm 1 mg zat hem saýt tizligini 1-2 göterim haçalladyp bilýän eken.Ýaňyja saýt tizligini ýokarlandyrmaga kömek edýän käbir kodlary okap otyrdym.Nesip bolsa şol kodlary barlap görüp siziň bilen paýlaşmakçy.

6.Artykmaç html,css ýaly kodlary aýyrmak ýa-da gysgaltmak.

Ine bu meselede örän seresaply çemeleşmeli.Sebäp sähel nokat ýaly ýalňyşlyklar kodlary büs-bütin ýok edýär.Juda çylşyrymly mesele juda çylşyrymly .

7.Uzyn mowzuklary sahypalara bölmek

Elbetde uzyn mowzuklary okamagy ýazmagy menem halaýan ýöne çenden aşa uzyn mowzuklary sahypalara bölmek saýt tizligini ýokarlandyrmakda peýdaly.

Häzirlikçe şu saýt tizligini ýokarlandyrmak meselesinde ýazjaklarym şulardan ybarat.Nesip bolsa ýene-de internet barada internet sahypalaryndan öwrenjeklerimi siziň bilen paýlaşmak nesip eder Enşalla.Häzirlikçe sag boluň .

Taýýarlan Gerçeknazar




Gyzykly blog ýazgylaryny ýazmagyň 10 syry

Kompýuteriňizi ýa-da jübi telefonyňyzy açdyňyz, internetdäki blog ýazgylaryny okamak üçin dürli sahypalara girýärsiňiz. Girizen birnäçe sahypaňyzdaky makalalar sizi gyzyklandyranok we derrew şol sahypalary terk edýärsiňiz.

Soňra bir blogy görersiňiz we bu blogda halaýan makalaňyzy okap başlarsyňyz. Bir makalany okap, ikinjisini okap başlaýarsyňyz. Soň üçünji, soň dördünji ...

Okaýan blogyňyzyň mazmuny sizi ýüpsiz baglaýar, okamagy bes etmek islemeýärsiňiz. Şol blogda sizi özüne çekýän bir zat bar. Bu şeýtanyň ýelekine meňzeýär ...

Bilýärsiňizmi, ýarym sagat geçdi we henizem siz şol blogy okap ýadamadyňyz... Meniň suratlandyrýan bu duýgyny başdan geçirdiňizmi?

Sizi özüne baglaýan, gowy duýgulary döredýän we okamaga höwes döredýän blogy gördüňizmi?

Eger gabat gelen bolsaňyz, bu duýgynyň nämäni aňladýandygyny eýýäm bilýärsiňiz. Şu wagt size möhüm bir sorag bermek isleýärin:

Näme üçin käbir bloglar magnit ýaly adamlary özüne çekýär, beýlekileri hatda bir abzas okamaga-da çydap bilmeýärsiňiz ?

— Bu iki blogyň arasynda nähili tapawutlar bar?

Bu makalany üns bilen okamagyňyzy maslahat berýäris, bu ýerde bu soraglaryň jogaplaryny öwreneris we web sahypasynyň mazmuny ýazylanda bu düzgünleri göz öňünde tutarys. Blog mazmunyňyzy taýýarlanyňyzda bu düzgünleri ýerine ýetirmek barada alada edersiňiz diýip umyt edýärin.

.

Gyzykly blog ýazgylaryny ýazmagyň 10 gizlin düzgüni

1-nji düzgün: Gyzykly sözbaşy saýlaň

Adamlar köplenç Google-da bir zatlar gözläp web sahypaňyza girýärler. Google-da gözläninde käbir gözleg netijeleri peýda bolýar we bu netijeleriň arasynda web sahypaňyzyň ýerleşýän ýerine basýar. Girizen makalanyň ady we düşündiriş bölümleri ýeterlik gyzykly bolmasa, okyjy makalaňyza basmagyň ýerine başga blogdan ýazgyny saýlap biler. Ý öne haýran galdyryjy sözbaşy ulansaňyz, ýazga basmak mümkinçiligi has ýokary bolar .

2-nji düzgün: Gowy ýazyň

Her hili bloglarynyň mazmunyny gözden geçireniňizde bu düzgüni aňsatlyk bilen görüp bilersiňiz. Ilki bilen kitap satyn alanymyzda mazmuny gözden geçirenimiz ýaly, ilki bilen blog ýazgysyny okanymyzda giriş abzasyny gözden geçirýäris.

Makala gyzykly we täsir galdyryjy giriş bolmasa, üstünlik gazanmagy ähtimaly peselýär. Giriş bölümi okyjyny makalanyň galan bölegini okamaga höweslendirýär. Okyja makalany okamaga we makalany doly jemlemäge mümkinçilik berýär.

3-nji düzgün: Möhüm maglumatlary paýlaşyň

Makalalaryňyzy ýazanyňyzda okyja artykmaçlyk goşmaga çalyşmaly. Makalalaryňyzda möhüm maglumatlary paýlaşyp, okyjynyň özüni kämilleşdirmegine göz ýetirmeli.

Maksadymyz blogymyza traffigi girdeji gazanmakdan ybaratdygy sebäpli, okyja mümkin boldugyça blogyňyza çekmegiňiz möhümdir.

4-nji düzgün: Syrly bol

Syrly bolmak gowy. Okyjynyň ünsüni hemişe ýyly saklaýar. Adamlaryň diňe maglumat üçin blogyňyza girmeýändigini hiç wagt ýatdan çykarmaly dälsiňiz. Makalalaryňyzy okamakdan lezzet almak we näbelliligi başdan geçiren ýaly duýmak isleýär. Beýleki bloglarda tapyp bilmeýän bu syr duýgusyny berip bilseňiz, wepaly okyjylary gazanyp bilersiňiz.

5-nji düzgün: Mowzuk bitewiligini saklaň.

.Häzirki wagtda ýokary hilli blog ýazgylaryny ýazmagyň düzgünleri barada gürleşýäris. Şeýle däl-mi? Indi, makalanyň bir ýerinde SEO hakda gürleşip, bir ýerde web sahypa gurmak hakda gürleşsek, düşnüksiz bolmazmy?

Hiç haçan okyjyny bulaşdyrýan görnüşde mowzukdan mowzuga bökmekde ýalňyşlyk goýbermeli däl. Tekstiňizi şol çarçuwada öňe sürüň SEO kategoriýasyndaky okyja maglumat bermek islesek, makalanyň ahyrynda bu mowzuk hakda ýazan makalamyza gönükdirip bileris. Emma bu makalada SEO hakda maglumat berip bilmeris. Sebäbi ýazgy erkin gürleýär we bulaşyk bolýar.

6-njy Adyň düzülşine üns beriň

Blog mazmuny taýýarlanylanda hiç haçan ýekeje sözbaşy ýazmak we 500-1000 söz ýazmak ýalňyşlygyna ýol bermäň. Biz bu ýerde hekaýa ýazamzok. Okyja habar berjek, olaryň ünsüni özüne çekjek we ünsüni ýyly saklaýan makalalary taýýarlamaga synanyşýarys. Şol sebäpli makalada okyjyny saklamaly we sözbaşy sözlerini ulanyp gyzyklanmalaryny gazanmaly .

.

7-nji düzgün Sanawda dürli sözleri ulanyň

.

Makalanyň käbir ýerlerini sanap bilersiňiz. Bu işi ýerine ýetireniňizde, her element üçin dürli sözleri ulanmagyňyzdan ägä bolmaly.

Sanawyň nädogry mysaly:

Bu ýazgyda ýokary hilli blog ýazgylaryny ýazmagy öwrenersiňiz.

Täsirli ýazuw usullaryny öwrenersiňiz.

Blog ýazmagyň üstünlikli usullaryny öwrenersiňiz.

Üns beren bolsaňyz, sözlemiň ahyrynda mydama şol sözleri ulanýarys. Bu, sanawymyzyň gyzygyny gaçyrdy. Onuň ýerine aşakdaky ýaly sanaw düzüp bilerdik.

Dogry sanaw

Bu ýazgyda ýokary hilli blog ýazgylaryny ýazmagy öwrenersiňiz.

Täsirli ýazuw usullaryny görersiňiz.

Üstünlikli blogçy bolmagyň syrlaryny açarsyňyz.

8: Mysal beriň

Bir mowzuk hakda maglumat bermek bilen, aýdyň düşünilmedik ýerleriňize mysal bermek okyja mowzuga düşünmegi aňsatlaşdyrýar. Bu düzgüni ýokarda ulanandygymyzy görüp bilersiňiz. Mysallar maglumatlary adamlaryň aňynda jemlemäge mümkinçilik berýär. Siziň aýdýan mowzugyňyz has düşnükli we gyzykly bolýar.

9-njy düzgün: Blogyňyzy nirede guratjagyny belli ediň

Blog ýazgylarynyň edil syýahat eden ýalydygyny ýadyňyzdan çykarmaly dälsiňiz. Okyjy makalalaryny okaýarka, özüni syýahat edýän ýaly duýýar we bu syýahatyň nirede gutarjagyny bilmeli.

Wagtyň dünýädäki iň gymmatly zatdygyny göz öňünde tutup, okyjy blog ýazgymyzy okamak üçin näçe wagt gerek boljakdygyny takmynan çaklamaly.

Muňa mysal hökmünde «Gyzykly blog ýazgylarynyň 10 gizlin düzgüni» sözbaşysy bar. Bu ýazgyny okaýarkaňyz, 10 düzgüniň boljakdygyny bilýärdiňiz. Şeýlelik bilen makalany okamak üçin näçe wagt sarp etjekdigiňizi takmynan hasaplap bildiňiz.

10-njy düzgün: Tekstiňize «Herekete çagyryş» beýany bilen nokat goýuň

Önüm satmak we blogumyz arkaly girdeji gazanmak isleýän bolsak, makalamyzy «Herekete çagyryş» sözlemi bilen tamamlamaly. Şonuň üçin okyjymyza beýleki makalalarymyzy okamaga, mugt kitapça göçürip almaga ýa-da önümi gözden geçirmäge gönükdirmeli. Okyjyny höweslendirýän «Herekete çagyryş» jümleleri biziň üçin möhüm ähmiýete eýe. Blogyňyzda pul gazanmak isleseňiz, «Herekete çagyryş» jümleleri ýygy-ýygydan gerek bolar.

Hereket beýannamalaryna mysallar

Blog ýazmak hakda ýazan beýleki makalalarymyzy okamak üçin basyň!

Siziň üçin taýýarlan mugt kitapçany okamak isleýärsiňizmi? Okamak üçin basyň!

Has gowy blogçy bolmagyň syrlaryny açmaga gaty ýakyn. Munuň üçin bu blogy gözden geçiriň!

Taýýarlan: Gerçeknazar

Çeşme: carpicigirisim.com

Oturan ýeriňden kartdan telefona pul geçirmek

Kartdan telefona pul geçirmek.

Salam eziz saýtdaşlar !

«Telefonymyň puly azaldy (tarifim gutatyp barýar) ýöne nagt pulum ýetenok» diýýän bolsaňyz indi dükana gidip nagt pula telefona pul geçiritmek hökman däl. Oňa derek kartyňdaky pullaryňy telefonyňa geçirip bolýar. Onda nädip kartdaky pulyňy telefona geçirmeli ?

1.Ilki bilen telefon belgiňi bank kartyňa birikdirmeli.

3. Internediňi açyp play market-den «Töleg» programmassyny ýüklemeli.

4. Töleg programmasyna bank kartyňy goşmaly.

5. «TMCELL» diýen ýere girmeli.

6. «Telefon belgisi» diýen ýere telefon belgiňi +993 belgisini goýman ýazmaly (meselem 652289522)

6.«Mukdar» diýen ýere iberiljek pul mukdaryny ýazmaly (min 1 max 100 manat )

7. «Karty saýla » diýen ýere töleg üçin ulanyljak bank kartyny saýlamaly

8. «Dowam et » basmaly

Soňra siziň telefonyňyza 5 belgili sms kod geler (meselem 59862) şol kody ýazyp «Dowam et » basmaly .

GUTLAÝAS indi siz töleg programmasy arkaly kartdan telefona pul geçirmegi öwrendiňiz.

Taýýarlan: Gerçeknazar Amannazarow



Smartfonyň aşa gyzmagynyň esasy 5 sebäbi

Aslynda, smartfonyň işleýiş temperaturasy 45 gradusdan ýokary bolmaly däldir. Huawei-iň hünärmenleri şeýle pikir edýärler. Ondan artyk gyzsa, smartfon ulanmak üçin oňaýsyz bolýar.

Işläp duran smartfon näme üçin aşa gyzyp biler? Temperaturanyň artmagyna dürli sebäpler täsir edip biler. TmCars.info internet maglumatlaryna salgylanyp, smartfonyň aşa gyzmagynyň bäş sebäbini size ýetirýär.

«Doýmaz-dolmaz» programmalary ulanmak. Mysal üçin, kamera, wideo aragatnaşyk programmasy, agyr oýunlar. Eger-de smartfonyň korpusy aşa gyzsa, programmany ýapmaly we telefonyň daşlygyny aýryp, bir gapdala goýmaly. Şeýdilende telefon has çalt sowar. Smartfonyňyzy sowadyja ýa-da doňduryja salmaň — onuň içki böleklerine kondensat düşmegi mümkin. Onuň netijesinde telefony gymmat bahadan bejertmeli bolmagyňyz ýa-da wagtyndan öň näsazlyk bilen ýüzbe-ýüz bolmagyňyz ähtimal.

Ýylylygyň ýaýramagyna päsgel berýän aşa galyň daşlyk (çehol) hem smartfonyň temperaturasyna täsir edip bilýär. Artykmaç ýylylyk dörän ýerinden (mysal üçin, arka diwardan) daşary ýaýrap bilmese, onuň başga ýollaryny gözlemeli. Ýogsa netijede, displeý matrisasy ýa-da telefonyň ömrüniň dowamlylygyna täsir edýän beýleki komponentler köýüp biler.

Smartfon ýöne bir stoluň üstünde ýatan wagty hem gaty gyzýan bolsa, zarýady hem çalt azalýan bolsa, munuň zyýanly programmalaryň täsiri sebäpli bolmagy mümkin. Bu ýagdaýda smartfony wirusa garşy barlagdan geçirmek bolar, ýöne bu usul hem hemişe peýda bermeýär. Köp ýagdaýlarda möhüm maglumatlary ätiýaçlandyryp, ähli sazlamalary bes etmeli we smartfonyň sazlamalaryny asyl ýagdaýyna getirmeli bolýar.

Wiruslardan başga-da, fonasty işleýän programmalar hem batareýanyň zaýalanmagyna sebäp bolup biler. Bular dürli “ýat arassalaýjylary”, «batareýa monitorlary» we hatda wirusa garşy programmalar

hem bolup biler. “Google Play”-den daşary programmalary ulanmaýanlar üçin wirusa garşy programma üpjünçiligini ulanmagyň zerurlygy ýok (diňe internetdäki galp web sahypalary barada duýduryş berýän, subut edilen anti-fişing programmalaryndan başga). Ýat dolandyryjylary we «batareýa tygşytlaýjylary» köplenç düýbünden peýdasyzdyr. Bu ýerde programmalaryň sanawyny öwrenmek we şübheli hem-de köp ulanylmaýan programmalardan dynmak dogry bolar.

Ynha, smartfonyň zarýad alýan wagty gyzmagy welin, bütinleý kadaly zatdyr. Şeýle-de bolsa, hünärmenler enjam zarýadda duran mahaly 3D atyş oýunlaryny ýa-da ýaryşlar ýaly agyr programmalary işletmegi maslahat bermeýärler.

Çeşme: tmcars.info




Brauzerda paroly saklamazlygyň üçin 3 sebäp

Paroly brauzerde saklamak gowy zat, sahypa girmek üçin parol girizmek hökman däl, ýöne soňundan ýatdan çykaryp bilersiňiz we girip bilmersiňiz, şonuň üçin gymmadymy?

1. Enjamyň ýitmegi ýa-da ogurlanmagy

Smartfon, planşet ýa-da noutbuk bolsun, enjamda ýitirilen ýa-da ogurlanan we hiç kimde saklanylýan parollary ulanmakdan ätiýaçlandyryş ýok. Bu ýagdaýda diňe bir enjamyňyzy ýitirmän, şahsy maglumatlaryňyza erkin girmek üçin açary hem berersiňiz.

2. Wiruslar

Hakerler diňe bir köpçülige wirus ýaýratmaýarlar: muny ýyrtyjynyň enjamyna girmek üçin edýärler. Köplenç girýänler enjamyň gözegçiligini ele alýarlar, ýöne bu parollara erkin girip biler. Netijede, zyýanly adamlar şahsy maglumatlaryňyza aňsatlyk bilen girip bilerler we islän zatlaryny edip bilerler.

3. Daş-töweregiňizdäki adamlar

Maşgalaňyz ýa-da goňşularyňyz ýaly ýakyn adamlar, bilesigelijilik sebäpli sosial ulgamlaryňyza girmek islegini ýeňip bilmezler, sebäbi hasabyňyza girmek aňsat — parol saklanýar. Munuň üçin gorag ýok, ýöne paroly saklamak we ony kagyz ýüzüne ýazmazlyk onuň öňüni alyp biler.

Maslahat: Ýatlap galmak aňsat, ýöne göz öňüne getirmek kyn paroly pikir ediň. Munuň üçin maslahat berilýär:

— Harplary, sanlary we ýörite nyşanlary ulanmak;

— Şol bir paroly bir gezekden köp ulanmaň

Taýýarlan: Arslan Alaýew



Google çykmadyk saýtlara nädip girmeli ?

Salam  eziz saýtdaşlar! Eger haýsam bolsa bir saýt google çykmadyk bolsa ýa-da şol saýta girip bilmeýän bolsaňyz şol saýta chrome programmasyndan girip bolýar. Onuň üçin :

1. Chrome programmasyna girmeli

.

2. Girjek saýtyň öňüne http:// ýa-da https:// goýup ýazmaly.(meselem http://bloglar.ru)

.

3. Aşagyna çykan gökje hata basyp şol saýta girip bilersiňiz.

Bellik.

1.Saýta gireniňde diňe iňlis harplaryny ulanmaly.

2.Harplaryň arasynda (başynda we soňunda hem) hiç hili boşluk bolmaly däl .

4. Bu usul bilen diňe vpn-syz girilýän saýtlara girip bolýar .(eger işleýän vpn bolmasa)

Başgada şular ýaly gyzykly we peýdaly mowzuklary biziň bilen paýlaşyň.

.

Taýýarlan: Gerçeknazar



Agzalara kömek

Salam hormatly agzalar. Saýtda  hoş gördük. Men käbir agzalaryň “Nireden gowy aýdym alyp bolýar?” ýa-da “Pylan kino haýsy saýtda bar?” ýaly ýüzlenmelerine köp gabat gelýärin. Ine şol ýagdaýlary göz öňüne tutup, şu mowzugy açmagy makul bildim. Bu mowzukda siz özüňize gerekli bolan maglumatlary aňsatlyk bilen taparsyňyz diýip umyt edýärin.

AÝDYMLAR (MP3)

TÜRKMEN AÝDYMLARY

1.ilkinji com

2.jadyly.com

3.aydym.com

4.dunyabelli.com

5.saylanan.com

6.islenen.com

7.mukam.co

8.bizowaz.com

9.moqina.com

10.turkmen.ucoz.net

11.mp3liza.ru

12.stomp3.ru

13.mp3party.net

14.mp3crown.ru

15.m.mp3ha.org

16.tmhits.com

17.entazemp3indir.com

18.mp3online.mobi

19.mp3stream.net

20.music-chart.top

21.skachat.site

22.muzmen.ru

23.mp3-pleer.ru

24.5mp3.ru

25.mp3to.me

26.mp3-shmidt.net

27.ipleer.com

28.hotplayer.ru

29.mp3isx.ru

30.lightaudio.ru

TÜRK AÝDYMLARY

1.mp3indirelim.com

2.mp3yukleindir.com

3.mp3indirdur.mobi

4.muzikmp3indir.com

5.sarkibul.net

6.mp3indirdur.pro

7.kalmp3indir.com

8.mp3.big.az

9.mp3.feat.az

10.mobilmp3indir.com

11.cepmuzik.mobi

12.remp3indir.net

13.mp3adam.biz

14.mp3-indirme.org

15.mp3lerindir.co

16.sadecemp3indir.mobi

17.mp3semti.com

DAŞARY ÝURT AÝDYMLARY

1.muzter.net

2.mexedi.me

3.muzfan.com

4.livemusical.kz

5.get.mp3-music.club

6.uzmusichd.net

7.mp3gerc.com

8.muzno.net

9.mp3trip.info

10.muzebra.me

11.mp3zorg.com

12.mp3lenta.net

13.buben.net

14.mp3erger.net

15. muztron.com

16.z1.fm

17.mp3bob.ru

18.5music.online

KINOLAR

1.kinodevice.net

2.mp4v.ru

3.mfilm.online

4.mobfilmz.com

5.3gplay.ru

6.rugo.pw

7.tabkino.ru

8.filmandroid.mobi

9.moova.ru

10.mnogo-failov.ru

11.mp4films.ru

12.kinosimka.be

13.kinosimka.net

14.kinovasek.me

15.mp4zone.club

16.kinogruz.net

17.kinomka.ru

18.v-s.mobi

19.kinogo.by



Siz unutsaňyz hem “AutoSaver” unutmaz

Käte  uzak wagtyň dowamynda işläp oturan mahalyňyz birden käbir näsazlyklara görä, kompýuteriňiziň programmasy doňup, ony täzeden açmaly bolýarsyňyz. Emma siz edip oturan işiňizi kompýuteriň ýadynda saklatmadyk bolsaňyz, onda bar azabyňyz puç bolar. Ine, şeýle ýagdaý üçin amatly “AutoSaver” programmasy siziň hyzmatyňyzda. Bu programmany kompýutere ýükläp, işe girizip, sazlaýjy funksiýanyň kömegi bilen haýsy programmalary awtomatik ýagdaýda ýatda saklamalydygyny we onuň wagtyny özüňiz kesgitläp bilersiňiz. Siz işläp oturan mahalyňyz programma hem sessiz, öz işini ýerine ýetirýär. Bu kiçijik we peýdaly programmany

Door2windows.com/apps

Salgylanmadan alyp bilersiňiz.




Iň gowy blog nähili ýazylmaly?

Blog  ýazmak barada meniň hem üýtgeşik bilýän zadym ýok ýöne bilenjelerimi siziň bilen paýlaşmak isledim. «Blog » sözüni ýönekeý dilde “ Gündelik “ diýip düşündirse bolar. «Blogger» bolsa “ Gündelikçi,gündelik ýazýan” diýmek

3-4 ýyl bäri saýt açmak bilen gyzyklanýan we geçen ýyl alaşyp wpmavi.com saýtyna düşdüm. Ynanyň bular ýaly blog saýty öň gabat gelmändim. Ine hakyky bloggeriň bloglary. Ol saýtda wordpress-den saýt açmak barada hemme zat ýazylypdyr. Hemme zat diýip ýalňyş ýazýandyryn öýtmäň ynanyň «HEMME ZAT» ýazylypdyr .Soňky oturyna, soňky nokadyna çenli. Ýany meselem (düşündirmänede ýaltanýan dogrusy) «Wordpress -den saýt açmak. Başlangyç» atly bir bloga girýäň. Başyndan gysgaça düşündirişden başlaýar giňişleýin düşündirşe çenli hatda soňuna çenli okamana ýaltanýaňyz. Gaty köp wagt iş edinip ýazylan bloglar. Arasynda «Iň gowy wordpress temalary» ýa-da «iň arzan hosting firmalary» ýaly şol bloga degişli ýazan beýleki bloglarynada baglanşyk berýär. Elbetde suratly widioly düşündirişem bar. Ynanyň şonyň ýazan blogyny okap «düşünmedim» diýdirmeýär.

Ine hakyky bloggerleriň ýazýan bloglary. Men hem şolar ýaly blog ýazmak maksady bilen bloglar.ru saýtyny açdym. Ýöne entek meniň geljegim ,görjegim iň gowy ýazjak bloglarym öňümde .

Hormatmak bilen: Gerçeknazar Amannazarow ,blogger(jik)




Iň köp ulanylýan parollar

Beýik Britaniýanyň milli kiberhowpsuzlyk gullugy, ulanyjylaryň parollary baradaky täze gözlegleriniň netijelerini paýlaşdy. “BBC” habar gullugynyň habar bermegine görä, jemgyýetiň 60% göterimi bilip bolaýjak parollary (açar sözüni) ulanýarlar. Dünýä ilatynyň 15% göterimi bolsa özleriniň haýwanlarynyň atlaryny parol görnüşinde ulanýarlar diýip, maglumat berilýär. Ulanyjylar 13% göterimi özleriniň parollaryny maşgala agzalarynyň atlaryny we 12% göterimi bolsa wajyp senelerini belleýärler. Iňlis dilinde parol hökmünde “password” ulanýanlaryň sany 6% göterime ýetýär. Halaýan toparynyň atlaryny parol hökmünde ulanýanlaryň paýy bolsa 6% göterime barabardyr. Şeýle hem “123456” san görnüşinde parolyny ulanýanlaryň sany 6% göterim we iň gowy telegepleşikleriniň atlaryny ulanýanlaryň görkezijisi bolsa 5% göterimi görkezipdir. Şeýle hem gözlegiň netijeleri adamlaryň 40% göterimi pes howpsuzlyk parollaryny ulanmaýandyklaryny görkezýär.

Parollary anyklamakda iň uly howp ýönekeý parollary ulanmakdyr. Şeýlelik bilen, hatda tejribesiz adam hem öý haýwanyňyzyň adyny ulanyp maglumatyňyzy alyp biler diýip habar berilýär. Parollarda (açar sözünde) köp ulanylýan atlar we seneler köplenç sosial media gözegçiligi arkaly tapyp bolýar. Güýçli parol döretmek üçin baş harp, kiçi harp, san we belgi kombinasiýalaryny synap görmelidigini maslahat berilýär.

Çeşme: atavatan.turkmenistan.com

**Mazmuny**


1. Geliň türkmen dilinde elektron kitaplarymyzy köpeldeliň ------2
2. IMO-dan pul gazanmak_____4
3. Gmail poçta gitmeýär, gelmeýär näme etmeli?_____6
4. Добавить текст (Suratyň ýüzüne hat ýazýan pragramma)______7
5. Clipboard history (kopýa eden ýazgylaryňy ýatda saklaýan pragramma)_____9
6. In gowy 5 sany bulut srewerler______11
7. Mowzuk ýaýratmagyň iň aňsat usuly (kopy-paste)............13
8. Chrome taryh (Chrome история )..........16
9. Google nädip girmeli ?..........17
10. Saýt tizligini ýokarlandyrmak ..........26
11. Gyzykly blog ýazgylarny ýazmagyň 10 syry..........29
12. Kartdan telefona pul geçirmek..........34
13. Smatifonymyň aşa yzmagynyň 5 sebäbi..........36
14. Bruwzerde paroly saklamazlygyň üçin 3 sebäp..........34
15. Google çykmadyk saýtlara nädip girmeli ?............39
16. Agzalara kömek _____41
17. Siz unutsyz hem Autasaver unutmaz..........47
18. Iň gowy blog nähili ýazylmaly)..........48
19. Iň köp ulanylan parollar.